TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
— Türkmen zenany maşgalanyň sütünidir, ahlak gözelliginiň nusgasydyr, öý-ojaklarymyzyň ýaraşygydyr.

NESIL

IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA!

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№19 (5002), 2025-nji ÝYLYŇ 8-nji MARTY, ŞENBE




# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ ENELERINE, ÄHLI GELIN-GYZLARYNA

**Eziz eneler!**
**Mähriban gelin-gyzlar!**

Sizi tebigatyň ynsan ýüreklerinde ylham-joşgun döredýän ajaýyp bahar paslynyň ilkinji günlerinde giňden bellenilýän Halkara zenanlar güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Garaşsyz döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň halkara derejede bellenilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda bu nurana baýrama bagyşlanyp eziz Diýarymyzyň ähli obalarynda we şäherlerinde geçiriljek dabaralaryň göwünleri galkyndyryp, eziz Watanymyza söýgini, eşretli durmuşymyza, bagtyýar döwrümize buýsanjy has-da artdyrjakdygyna berk ynanýaryn.

Türkmen zenany maşgalanyň sütünidir, ahlak gözelliginiň nusgasydyr, öý-ojaklarymyzyň ýaraşygydyr. Zenanlara sarpa goýmak, olaryň mertebesini belent tutmak gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan milli ýörelgelerimiz bolup, bu ajaýyp ýörelgeler bedew bady bilen ynamly öňe barýan demokratik, hukuk we dünýewi döwletimiziň deňsiz-taýsyz ösüşleri gazanýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mynasyp dowam etdirilýär. Bu gün türkmen gelin-gyzlary watansöýüjilik, maşgala ojagyna wepalylyk, asyllylyk, pähim-paýhaslylyk, salyhatlylyk ýaly milli häsiýetleri nusga edinip, halkymyzyň abraýyny, mertebesini dünýäde has-da belende göterýärler. Göwünlerimizi joşdurýan, kalbymyzy galkyndyrýan ajaýyp döwrümizde zenan mertebesine uly hormat goýulýandygynyň, eziz enelerimiziň, mähriban gelin-gyzlarymyzyň sarpasynyň belent tutulýandygynyň, halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşda ýaşaýandygynyň aýdyň subutnamasy hökmünde Halkara zenanlar güni mynasybetli Aşgabat we Arkadag şäherlerindäki, ýurdumyzyň welaýatlaryndaky seýilgählerde, medeni we bilim ojaklarynda aýdym-sazly baýramçylyk çäreleri, çeperçilik sergileri, bäsleşikler, döredijilik duşuşyklary guralýar. Eziz Watanymyzyň şan-şöhratynyň, at-abraýynyň barha belende galýan döwründe halkymyzy jebisleşdirýän, milli bitewüligimizi has-da berkidýän hem-de belent sepgitlere ruhlandyrýan mähriban enelerimiziň, gelin-gyzlarymyzyň mertebesi hemişe belentdir.

**Hormatly eneler!**
**Mähriban gelin-gyzlar!**

Eziz Watanymyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelerde, gazanylýan uly üstünliklerde enelerimiziň, gelin-gyzlarymyzyň saldamly goşandy bardyr. Olar jemgyýetimizde düýpli özgertmeleri amala aşyrmakda, kabul eden maksatnamalarymyzyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda döredijilikli we tutanýerli zähmet çekýärler. Biz gelin-gyzlarymyzyň ruhy, zehin we ahlak mümkinçiliklerine ýokary baha berip, olaryň jemgyýetçilik bähbitli başlangyçlara, oňyn özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine, jemgyýetde demokratik, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkarar edilmegine, medeni gymmatlyklarymyzyň, däp-dessurlarymyzyň goralyp saklanylmagyna hem-de ösdürilmegine işjeň gatnaşmaklary üçin ähli zerur şertleri döredýäris.

Jemgyýetimiziň durnukly ösüşiniň möhüm şerti hökmünde zenanlaryň hukuklaryny, bähbitlerini üpjün etmek, maşgalany, eneligi we çagalygy goramak ugrunda yzygiderli işler amala aşyrylýar, gender deňligi kanun esasynda üpjün edilýär. Bu işleriň ählisi zenanlarymyzyň buýsanjyny has-da artdyryp, «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgelerimiziň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

**Hormatly zenanlar!**

Biz mähriban enelerimiziň we zenanlarymyzyň ýaş nesli milli hem-de umumadamzat gymmatlyklarymyzyň esasynda terbiýelemek, nesilden-nesle geçip, sungat derejesine ýetirilen milli mirasymyzy gorap saklamak, wagyz etmek we geljekki nesillerimize ýetirmek ugrunda bitirýän hyzmatlaryna çäksiz buýsanýarys. Olaryň yhlasly zähmeti, jöwher zehini bilen dörän we amaly-haşam sungatynyň görnükli nusgalary bolan türkmen milli halyçylyk hem-de keşdeçilik sungatynyň Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi müňýyllyklardan gözbaş alýan milli gymmatlyklarymyzyň dünýädäki şöhratyny has-da artdyrýar.

Giň gerimli özgertmelerimizi, milli maksatnamalarymyzy durmuşa geçirmekde bitiren aýratyn hyzmatlaryny, zähmetde, jemgyýetçilik durmuşynda gazanan üstünliklerini, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza wepaly, sagdyn, ruhubelent nesilleri terbiýeläp ýetişdirmäge goşan asylly goşantlaryny nazara alyp, biz öňdebaryjy zenanlarymyzy «Zenan kalby» ordeni bilen sylaglaýarys. Halkara zenanlar güni mynasybetli köp çagaly enelerimize «Ene mähri» diýen hormatly ady dakýarys. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hem bu baýramçylygyň şanyna geçirilýän çäreleriň tutuş halkymyzyň, mähriban enelerimiziň, gelin-gyzlarymyzyň kalbyny joşguna besläp, agzybirligimizi we jebisligimizi has-da pugtalandyrjakdygyna, Garaşsyz Watanymyza bolan buýsanjymyzy mundan beýläk-de artdyrjakdygyna berk ynanýaryn.

**Mähriban eneler!**
**Hormatly gelin-gyzlar!**

Sizi ene ýeri, bütin tebigaty janlandyrýan bahar paslynda giňden bellenip geçilýän Halkara zenanlar güni bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size durmuşyňyzyň mylaýym bahar pasly ýaly elmydama owadan bolmagyny, berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny we bagtyýarlyk arzuw edýärin.

*Türkmenistanyň Prezidenti*
*Serdar BERDIMUHAMEDOW.*

# DÖWLETIŇ ASUDALYGY — berkararlygyň mizemez binýady

***Döwletiň asudalygy, raýatlaryň abadanlygy berkararlygyň, gülläp ösüşiň we belent özgertmeleriň berk binýadydyr. Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedowyň 5-nji martda geçiren Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň geçen iki aýynda ýerine ýetiren işleriniň jemleri jemlenildi. Şeýle hem mejlisde Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek bilen baglanyşykly meselelere garaldy.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri Watanymyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, ýolbaşçylyk edýän düzümlerine sanly ulgamy, öňdebaryjy tejribäni ornaşdyrmak boýunça ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şeýle hem ýurdumyzyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi, serkerdeleriň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak babatda amala aşyrylan işler barada aýdyldy. Hormatly Prezidentimiz Bitarap Türkmenistanyň durmuşa geçirýän Harby doktrinasynyň ýurdumyzda parahat we abadan durmuşyň ygtybarly kepilidigini nygtamak bilen, Ýaragly Güýçlerimizi mundan beýläk-de döwrebap tehnikalar bilen üpjün etmegiň, Goranmak ministrliginiň, onuň garamagyndaky düzümleriň işini kämilleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Hususan-da, serkerdeleriň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga, ýaş esgerleri watançylyk ruhunda terbiýelemäge aýratyn ähmiýet bermegiň, Ýaragly Güýçlerimizi kämilleşdirmek boýunça maksatnamalaýyn işleri dowam etdirmegiň zerurdygy bellenilip, bu ugurda degişli ýolbaşça birnäçe tabşyryklar berildi.

Soňra Baş prokuror, içeri işler ministri, Ýokary kazyýetiň başlygy, milli howpsuzlyk ministri gözegçilik edýän düzümleri tarapyndan şu ýylyň geçen iki aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdiler. Döwlet serhet gullugynyň başlygynyň, adalat ministriniň, Döwlet gümrük we migrasiýa gulluklarynyň başlyklarynyň hasabatlarynyň özenini hem şu ýylyň ýanwar-fewral aýlarynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri baradaky maglumatlar düzdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy döwletimizde kanunlaryň ýerine ýetirilişine, hukuk namalarynyň kanunylygyna yzygiderli prokuror gözegçiligini amala aşyrmak boýunça netijeli çäreleri görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini ýokary derejede üpjün etmek, jenaýatçylygyň, beýleki hukuk bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň zerurdygyny belledi, «Türkmenistanyň kazyýetleriniň kazylaryny wezipä bellemek we wezipeden boşatmak hem-de olara hünär derejelerini bermek hakynda» Permana gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň milli howpsuzlygyny ygtybarly üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleri yzygiderli kämilleşdirmegiň möhümdigini nygtamak bilen, serhet goşunlaryny ösdürmegiň Maksatnamasynda kesgitlenen çäreleri öz wagtynda ýerine ýetirmek bilen bagly meselelere hem hemişe üns bermegiň zerurdygyny aýtdy. Şeýle hem kanun çykaryjylyk işini mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň öňde durýan esasy wezipeleriň biridigi bellenildi. Mejlisiň barşynda döwlet Baştutanymyz degişli ýolbaşça gümrük nokatlarynda ygtybarly gümrük gözegçiligini alyp barmagy, bu düzümiň maglumat-aragatnaşyk ulgamyny ösdürmek işini dowam etdirmegi tabşyrdy. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzda migrasiýa ýagdaýlaryna ygtybarly gözegçilik etmek boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmek babatda-da tabşyryklar berildi.

Şeýlelikde, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde garalan meseleler we kabul edilen çözgütler Gahryman Arkadagymyzyň: «Eziz Watanymyzyň howpsuzlygy ähli zatdan ileridir. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri islendik döwürde Watanymyzy gala bolup goramaga taýýarlygymyzyň kuwwatly binýady bolmalydyr» diýen parasatly nesihatynyň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe dowamat-dowama beslenýändiginiň buýsançly beýanydyr.

NESIL

# DOSTLUK. DEŇHUKUKLYLYK. YNANYŞMAK

***Türkmenistan ýurdumyz oňyn bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik we ynanyşmak ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy strategiýasyny üstünlikli durmuşa geçirip, dünýä döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürýär. Munuň şeýledigini hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň telefon arkaly söhbetdeşlikleri aýdyň görkezýär.***

**■ 3-nji martda Gahryman Arkadagymyzyň Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tani bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy.**

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan we Katar ikitaraplaýyn görnüşde, halkara guramalaryň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Iki ýurduň abraýly halkara düzümlerde öňe sürýän başlangyçlarynyňdyr tekliplериniň özara goldanylmagy munuň aýdyň mysalydyr. Söwda-ykdysady ulgam ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň örän möhüm ugry bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Arkadagymyz nebitgaz, himiýa we dokma senagaty, maýa goýumlar, ulag, söwda boýunça hyzmatdaşlygyň Türkmenistan bilen Katar Döwletiniň arasyndaky gatnaşyklaryň geljegi uly ugurlaryna öwrüljekdigini aýdyp, bu babatda bar bolan mümkinçiliklere, toplanan oňyn tejribä esaslanyp, özara bähbitli taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň gazanyljakdygyna ynam bildirdi.

Söhbetdeşligiň barşynda biziň halklarymyzy umumy taryhyň, medeniýetiň, däp-dessurlaryň, adatlaryň, ruhy-ahlak gymmatlyklarynyň baglanyşdyrýandygyna, munuň bolsa iki döwletiň arasyndaky medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin berk esas bolup hyzmat edýändigine üns çekildi. Şu jähetden, Milli Liderimiz iki ýurduň we olaryň halklarynyň abadançylygynyň bähbidine ýola goýulýan döwletara gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdüriljekdigini nygtady. Şeýle-de Milli Liderimiz Katar Döwletiniň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Tanini şu ýyl Aşgabatda geçiriljek halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna we baýramçylyk çärelerine gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrdy.

**■ 5-nji martda döwlet Baştutanymyz bilen Yrak Respublikasynyň Premýer-ministri Mohammed Şiýa Al Sudaniniň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.**

Söhbetdeşligiň dowamynda nygtalyşy ýaly, häzirki wagtda türkmen-yrak hyzmatdaşlygy dürli ugurlar boýunça ösdürilýär. Muňa taryhy, medeniýeti, däp-dessurlary umumy bolan iki halkyň köpasyrlyk gatnaşyklary binýat bolup hyzmat edýär. Türkmenistan we Yrak Respublikasy syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy giňeldýärler.

Hormatly Prezidentimiz ikitaraplaýyn diplomatik gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmeginiň zerurdygyny belläp, Türkmenistanyň Aşgabatda Yrak Respublikasynyň diplomatik wekilhanasynyň açylmagy we onuň netijeli işlemegi üçin ähli amatly şertleri döretmäge hemmetaraplaýyn ýardam bermäge taýýardygyny tassyklady. Şunuň bilen birlikde, iki ýyl mundan ozal Türkmenistan bilen Yragyň gaz pudagynda bilelikdäki işlere girişendikleri hem-de her ýyl 10 milliard kub metr türkmen tebigy gazyny goňşy Eýranyň çäginden «swap» usulynda Yraga ibermek boýunça düýpli ylalaşygyň gazanylandygy aýdyldy. Premýer-ministr Mohammed Şiýa Al Sudani Yrak Respublikasynyň bu ugurdaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmäge taýýardygyny tassyklap, munuň üçin zerur işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýylyň BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini, şeýle hem Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli şu ýyl Aşgabatda halkara forumyň geçiriljekdigini aýtdy we Premýer-ministr Mohammed Şiýa Al Sudanini bu wekilçilikli maslahata gatnaşmaga çagyrdy.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň özara gyzyklanma bildirilýän beýleki ugurlary boýunça hem pikir alyşdylar.

NESIL

# 2025-nji ÝYL: HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY



## ARKADAG ŞÄHERI: IŇ TÄZE TARYHYŇ ALTYN SAHYPASY

*Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, Milli Liderimiziň yzygiderli tagallasyndan binýat bolan Arkadag şäherinde alnyp barylýan işler hem häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, 6-njy martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň häzirki zamanyň ösen tehnologiýalaryny we täzeçil usullary ulanmak arkaly bina edilen Arkadag şäherine amala aşyran iş sapary aýratyn bellenmäge mynasypdyr.*

### Ahalteke bedewi — milli buýsanjymyz

Arkadag şäherine tarap barýan ýoluň ugrundaky köpzolakly halkalaýyn ýoluň ýanynda Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy täze şäheriň çäklerinde gurulmagy meýilleşdirilýän desgalaryň enjamlaşdyrylyşy barada hasabat berdi. Görkezilen şekil taslamalarynyň hatarynda Arkadag şäherine çenli uzap gidýän ýoluň umumy görnüşi, onuň ugrunda ekilmegi meýilleşdirilýän baglaryň, teklip edilýän ýol belgileriniň, mahabat, ýşyklandyryş ulgamyna degişli sütünleriň görnüşleri bar. Şeýle hem ýol ýakalarynda oturdyljak heýkeller barada giňişleýin hasabat berildi. Gahryman Arkadagymyz olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Hususan-da, ýoluň ýakalarynda ahalteke bedewleriniň heýkelleriniň oturdylmagynyň we olaryň binýadynda bedewleriň nesil ugruna, taryhyna we gazanan üstünliklerine degişli maglumatlaryň ýerleşdirilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyna üns çekildi. Şeýle hem ýoluň her tarapynda welosiped ýodalarynyň, atly gezelençler üçin çäge düşelen ýodalaryň gurulmagynyň zerurdygy nygtaldy.

### Halk bilen bitewülik

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy Arkadag şäheriniň ähli ilatynyň we ýurdumyzyň atşynaslarynyň hormatly Arkadagymyza şu ýerden täze şähere çenli uzaýan ýoly «Ahalteke atlary» şaýoly diýip atlandyrmak baradaky haýyşlaryny beýan etdi. Milli Liderimiz bu mesele boýunça Türkmenistanyň Mejlisine degişli teklibiň ugradylmalydygyny we ony Mejlisiň oňlan halatynda, hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça degişli resminamanyň taýýarlanyljakdygyny aýtdy. Şeýle hem Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde göwnejaý dynç almak üçin özboluşly tebigy künjegiň bardygyny nygtady we onuň adamlaryň gelimgidimli ýerine öwrülmegi üçin dynç almak, wagtyňy peýdaly geçirmek boýunça ähli zerur şertleriň, mümkinçilikleriň döredilmelidigini belledi.

### Haýyr-sahawatlylyk — asylly ýörelge

Gahryman Arkadagymyz Arkadag şäherine baryp, ilki bilen, bu ýerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyrsahawat gaznasynyň dolandyryş işleri boýunça wise-prezidentiniň we bejeriş işleri boýunça wise-prezidentiniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onuň gün tertibine gaznanyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli geçiriljek çäreleriň meýilnamasyny taýýarlamak bilen baglanyşykly meseleler girizildi. Wise-prezidentler ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän bu düzümiň 4 ýyllygy mynasybetli geçirilmegi meýilleşdirilýän çäreleriň, bu ugra degişli ylmy-amaly maslahatyň, guraljak serginiň, aýry-aýry ugurlar boýunça degişli düzümleriň wekilleriniň gatnaşmagynda duşuşyklaryň geçirilmeginiň göz öňünde tutulandygy barada hasabat berdiler.

### Bilelikdäki iş — üstünlikleriň gözbaşy

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň Prezidenti hormatly Arkadagymyz gaznanyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli meýilleşdirilen ähli çäreleriň ýörite Maksatnamasynyň taýýarlanylmalydygyny we onuň tassyklanylmalydygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, gaznanyň ugurdaş düzümler, abraýly halkara guramalar, BMG-niň Çagalar gaznasy bilen bilelikde iş alyp barmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny aýdyp, Milli Liderimiz olaryň guramaçylyk derejesine örän jogapkärçilikli çemeleşmelidigine ünsi çekdi. Gahryman Arkadagymyz gaznanyň Hökümet edaralary, ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen maslahatlaşyp, düzümiň işini has-da kämilleşdirmäge, zerur bolsa, Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetinde çagalaryň saglygy bilen baglanyşykly täze ugurlaryň döredilmegine degişli meseleler boýunça pikir alşylmalydygyny belledi.

### Gurluşykda ownuk mesele ýok!

Iş saparynyň çäklerinde Arkadag şäheriniň gurluşyk işleriniň batly depginde alnyp barylýan ýerinde hormatly Arkadagymyz täze şäheriň ýaşlar üçin niýetlenen seýilgähinde goýuljak oturgyçlaryň, onuň bezeg serişdeleriniň görnüşleri bilen tanyşdy. Seýilgähde ýokary derejeli dynç almak, ösüp gelýän ýaş nesilleriň wagtlaryny gyzykly hem-de şadyýan geçirmekleri üçin ähli zerur şertleriň döredilmelidigini belläp, Milli Liderimiz gurluşyk, bezeg işlerinde milli binagärlik ýörelgelerine, serişdeleriň berkligine, oturgyçlaryň oňaýlylygyna zerur üns bermegi tabşyrdy. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän durmuş maksatly desgalaryň, ýol-ulag düzümine degişli binalaryň taýýarlanan şekil taslamalary, olaryň bezeg işlerine degişli serişdeleriň görnüşleri bilen tanyşdy, birnäçe belliklerini aýtdy. Nygtalyşy ýaly, gurulýan desgalar özboluşly binagärlik sazlaşygyny emele getirmelidir we olar täze şäheriň derejesine kybap gelmelidir.

### Iş maslahatynyň barşynda

**Häzirki wagtda iň täze taryhymyzyň altyn sahypasy bolan Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyry depginli dowam etdirilýär. Täze şäheriň çäginde döredilýän dürli maksatly desgalaryň gurluşygynda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyrylýar. Şol bir wagtyň özünde binalaryň içki we daşky bezeg aýratynlyklaryna, olaryň ýanaşyk ýerleriniň, şähere barýan ýol ýakalarynyň abadanlaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Bu bolsa Arkadag şäheriniň keşbiniň has-da gözelleşmegini üpjün edýär.**

Hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygynyň we Arkadag şäheriniň häkiminiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny diňläp, Milli Liderimiz täze şäheriň ikinji tapgyrynda alnyp barylýan işleriň depginlerini ýokarlandyrmak babatda birnäçe tabşyryklary berdi. Aýratyn-da, Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasterine degişli desgalaryň gurluşygy, olaryň enjamlaşdyrylyşy bilen baglanyşykly meseleler yzygiderli gözegçilikde saklanmalydyr. Şeýle hem Halk Maslahatynyň Başlygy häzirki zamanyň ösen tehnologiýalary esasynda bina edilen täze şäherde guralýan baýramçylyk dabaralarynyň döwrüň ruhuna kybap derejede geçirilmelidigini belledi.

### Tebigylyk — taýsyz gözellik

Soňra Gahryman Arkadagymyz Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň daşky germewinde oturdylýan mermerleriň görnüşlerini, bezeg babatdaky aýratynlyklaryny synlap, olaryň bezeginiň bu künjegiň tebigy aýratynlyklary bilen sazlaşmalydygyny aýtdy. Şeýlelikde, Milli Liderimiziň Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrmagy sebitde deňi-taýy bolmadyk täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda meýilleşdirilen işleriň üstünlikli dowam etdirilýändigini, möhüm meseleleriň hemişe üns merkezinde saklanylýandygyny aýdyň görkezýär.

NESIL

## YNSAN SAGLYGY — JEMGYÝETIMIZIŇ IŇ GYMMATLY BAÝLYGY

**Gahryman Arkadagymyz saglygy goraýyş ulgamynyň täze desgalarynyň gurluşyklary bilen tanyşdy**

*Paýtagtymyzyň günorta künjeginde halkara görkezijilere we häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede bina edilýän, täzeçil tehnologiýalar esasynda enjamlaşdyrylýan lukmançylyk edaralarynyň toplumy kemala geldi. Çünki häzirki wagtda Diýarymyzda döwrebap lukmançylyk edaralaryny gurmak, ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek bilen baglanyşykly meselelere aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, 4-nji martda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow paýtagtymyz boýunça iş saparyny amala aşyryp, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynyň köpugurly düzüminiň üstüni ýetirjek Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşygynda alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen tanyşdy.*

### Ulaglaryň sazlaşykly hereketi — möhüm talap

Mälim bolşy ýaly, hormatly Arkadagymyz 2023-nji ýylyň martynda bu lukmançylyk desgasynyň gurluşygyna badalga bermek dabarasyna gatnaşypdy. Häzirki wagtda gurluşygy batly depginde dowam edýän 160 orunlyk Halkara pediatriýa merkeziniň bina edilýän ýerinde Milli Liderimiz şäher ýollarynda ulaglaryň sazlaşykly hereketini üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işleriň wajypdygyny, Aşgabat şäheriniň häkimine paýtagtymyzda ýöriteleşdirilen «Tiz kömek» awtoulaglarynyň bellenen aralygy bökdençsiz geçip bilmekleri üçin degişli işleriň amala aşyrylmalydygyny belledi.

### Emeli aňyň mümkinçilikleri ulanylar

Paýtagtymyzda täze gurulýan Halkara pediatriýa merkeziniň binalary, onda ýerleşdiriljek bölümler, merkezde oturdylmagy meýilleşdirilýän enjamlaryň görnüşleri, gurluşykda ulanylýan bezeg serişdeleri barada Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň baş müdiri hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, täze saglyk merkeziniň bölümlerinde dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň kämil lukmançylyk enjamlary ornaşdyrylar. Şunda birnäçe enjamlaryň diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, sebitde-de ilkinji gezek ornaşdyrylýandygyny nygtamak gerek. Şeýle-de bu ýerde emeli aňyň mümkinçilikleriniň ulanylmagy lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejesini üpjün eder.

### Uzak geljegi nazarlaýan hassahana

Lukman Arkadagymyz taslamalar, merkezde oturdylmagy meýilleşdirilýän enjamlaryň görnüşleri, olaryň aýratynlyklary, binalaryň içki we daşky bezeg işleriniň ýagdaýy bilen tanşyp, öz maslahatlaryny berdi. Gahryman Arkadagymyz täze merkeziň täze garaýyşly we uzak geljegi nazarlaýan hassahanadygyny, sebitde ilkinji gezek ornaşdyrylýan enjamlarda işlejek lukmanlaryň taýýarlyk derejesine möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi. Hususan-da, Halkara pediatriýa merkezinde newrologiýa, endokrinologiýa, ortopediýa, allergologiýa, çaga kesellerini döwrebap anyklamagyň we bejermegiň beýleki möhüm ugurlary boýunça işlejek lukmanlaryň hünär derejesine zerur üns berilýär. Endoskopiýa, funksional we şöhle bilen anyklaýyş, mikrobiologiýa we bakteriologiýa, psihiatriýa, audiologiýa, endokrinologiýa, gematologiýa, patogistologiýa barlaghanalary, operasiýa bölümleri ýokary derejede enjamlaşdyrylar. Merkeziň barlaghana bölümlerinde ornaşdyrylan enjamlar çagalarda duş gelýän islendik keseli gysga wagtyň içinde anyklamaga hem-de gerekli netijäni bermäge ukyplylygy bilen tapawutlanýar.

### Otag reňkleri ýakymly täsir döretmelidir

Hormatly Arkadagymyz täze merkeziň bölümlerinde, otaglarynda reňkleriň sazlaşygyna aýratyn ähmiýet bermelidigini belledi. Onuň çagalar üçin niýetlenendigini nazara alyp, binanyň bezeg aýratynlyklarynyň, reňkleriniň çagalaryň ünsüni özüne çekmelidigini, olarda ýakymly täsirleri galdyrmalydygyny aýdyp, Milli Liderimiz bu ugurda häzirki zaman tejribesiniň işjeň ulanylmalydygyna ünsi çekdi hem-de öz maslahatlaryny berdi.

### Nesilleriň röwşen geljeginiň berk binýady



**«Saglyk» Döwlet maksatnamasy esasynda ýaş nesillerimiziň berk bedenli bolmagy, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegi babatda toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda gurluşygy batly depginde dowam edýän 160 orunlyk Halkara pediatriýa merkezi munuň aýdyň mysaly bolup, ol täze garaýyşly we uzak geljegi nazarlaýan hassahanadyr. Çünki bu lukmançylyk merkezine dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň iň kämil lukmançylyk enjamlarynyň ençemesi sebitde ilkinji gezek ornaşdyrylar. Şeýle-de merkezde emeli aňyň mümkinçilikleriniň ulanylmagy lukmançylyk hyzmatlarynyň ýokary derejesini üpjün eder, çagalarda duş gelýän islendik keseli gysga wagtyň içinde anyklamaga we gerekli netijäni bermäge şert döreder.**

Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Halkara saglyk merkezleri müdiriýetiniň baş müdiriniň, Halkara kardiologiýa merkeziniň intensiw bejeriş bölüminiň müdiriniň, birnäçe ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda işleýän «Gap Inşaat Ýatyrym we Dyş Tijaret A.Ş.» kompaniýasynyň sebit müdiriniň orunbasarynyň, Aşgabat şäheriniň häkiminiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşyk işleriniň depginleri, onda ulanylýan serişdeleriň görnüşleri, ugurdaş desgalaryň üpjünçilik meseleleri barada giňişleýin hasabatlar berildi. Şeýle hem bu ýerde işlejek lukmanlaryň dünýäniň öňdebaryjy klinikalarynda bolup, tejribe toplandyklary, degişli ugurlar boýunça hünär derejeleriniň kämilleşdirilendigi hakynda aýdyldy. Gahryman Arkadagymyz halkyň saglygynyň diňe bir ýurduň baş baýlygy bolman, eýsem, häzirki we geljek nesilleriň röwşen geljeginiň hem berk binýadydygyny belläp, döwrebap merkeziň halkymyza uzak ýyllaryň dowamynda ýokary derejede hyzmat etjekdigine ynam bildirdi.

### Bu künjek — özboluşly saglyk şäherçesi

Hormatly Arkadagymyz paýtagtymyzyň häzirki zaman saglygy goraýyş edaralarynyň toplumynyň kemala gelen künjeginiň özbaşdak şäherçä öwrülendigine ünsi çekdi. Bellenilişi ýaly, bu saglyk şäherçesi öz ýollary, bagy-bossanlygy bilen şäheriň görküne görk goşýar. Halkara pediatriýa merkeziniň gurluşygynyň öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirilmegi näsag çagalara edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň derejesini hem-de hilini has-da ýokarlandyrar. Milli Liderimiz bu ugurda alnyp barylýan işleriň aňyrsynda geljegimiz bolan çagalaryň sazlaşykly ösüşi, olaryň Watana wepaly, zähmetsöýer bolup ýetişmekleri ugrundaky aladanyň ýatandygyny belledi we bu babatda ýaýbaňlandyrylan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagy üçin ähli zerur tagallalaryň edilmelidigine ünsi çekdi. Munuň özi ösüp gelýän ýaş nesiller baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň birine öwrülendigini nobatdaky gezek subut edýär.

NESIL

NESIL 3

# TÜRKMENIŇ DÖWLETLI ÝOLY AK GELJEGE DOWAM BOLSUN!



## NESILLERIŇ BAGTYÝARLYGY HAKYNDAKY ALADA

### ynsanperwerligiň belent nusgasy

**Häzirki döwürde ýurdumyzda ösüp gelýän ýaş nesilleri durmuş taýdan goldamak, howandarlyga mätäç çagalaryň saglygynyň dikeldilmegine ýardam bermek, olaryň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin amatly şertleri döretmek hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendir. Şunda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň dünýä nusgalyk ynsanperwer işleri alyp barýandygyny bellemek zerur. Çünki gaznanyň ýardam bermeginde körpe nesilleriň saglygyny goramak, howandarlyga mätäç çagalara degişli bejergi işlerini geçirmek boýunça ägirt uly işler amala aşyrylýar. Munuň özi ýurdumyzda çagalaryň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegine uly ähmiýet berilýändiginiň aýdyň mysalydyr.**

*Watanymyzyň bagtyýar nesilleriniň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak, enäniň, çaganyň saglygyny goramak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň saglygy goraýyş ulgamynda başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrylmagy esasynda ýaş nesilleriň saglygynyň berkidilmegi, sazlaşykly ösüşi, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegi möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi. Şunuň bilen baglylykda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň halkymyzyň dünýä nusgalyk ynsanperwer ýörelgelerini esasy ugur edinýändigini bellemek diýseň ýakymlydyr.*

### Baş wezipe — çagalaryň sazlaşykly ösüşi

5-nji martda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa degişli ýolbaşçylar bilen täze şäheriň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde alnyp barylýan işler barada pikir alyşdy. Şeýle hem bu ýerde gaznanyň işini mundan beýläk-de ýokary derejede ýola goýmak bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. Hususan-da, maslahatyň barşynda çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň direktory bu ýerde ýerine ýetirilýän işler barada giňişleýin maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, merkezde işleýän her bir lukmanyň, hünärmeniň öňünde durýan wezipeler anyk kesgitlenildi. Olaryň agzybirlikli tagallasy netijesinde, möhüm wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar. Şunda çagalaryň sazlaşykly ösüşine, saglyk ýagdaýynyň doly derejede dikeldilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

### Dikeldiş bejergileri ýokary derejede guralýar

Maslahatda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýardam bermeginde operasiýa geçirilen çagalaryň bu ýerde degişli dikeldiş bejergilerini alýandyklary barada-da aýdyldy. Nygtalyşy ýaly, çagalaryň saglygyny dikeltmekde dürli oýnawaçlaryň, beýleki serişdeleriň kömegine bil baglanylýar. Lukmançylyk ylmynyň we köpýyllyk tejribäniň görkezişi ýaly, munuň özi lukmançylyk hyzmatlarynyň netijeli häsiýete eýe bolmagynda aýratyn ähmiýete eýedir.

### Ynsanperwer ýörelgeler dowamat-dowam

Ýeri gelende bellesek, şu ýyl ynsanperwer ýörelgeleri esasy ugur edinýän gaznanyň döredilmegine 4 ýyl bolýar. Şoňa görä-de, maslahatda bu şanly sene mynasybetli guraljak çäreler boýunça hem özara pikir alyşmalar boldy. Şunuň bilen bir hatarda, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda üstünlikli rowaçlandyrylýan ynsanperwer ýörelgeleri has-da ilerletmek ugrunda degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň ýola goýulmagynyň wajypdygyny nygtady.

### Körpeleriň şatlygy — dünýämiziň abatlygy

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň çagalar bakja-bagyna baryp gördi. Merkeziň ýolbaşçysy çagalar bakja-bagynda döredilen şertler, binalaryň enjamlaşdyrylyşy, bu ýerde körpeler barada edilýän aladalaryň netijeleri hakynda giňişleýin maglumat berdi. Merkezde işleýän lukmanlaryň bir toparynyň «Çaganyň irki ösüşi we irki goşulyşma» boýunça halkara derejeli okuw maslahatlaryna gatnaşandyklary bellenildi. Şeýle hem merkezde bejergi alýan we çagalar bakja-bagyna gatnaýan çagalara ýurdumyzda bellenilýän baýramçylyklar, belli seneler mynasybetli süýjülik sowgatlarynyň yzygiderli iberilýändigi barada aýdyldy. Çagalar bakja-bagynda terbiýelenýän körpeler belent ruha beslenen goşgularyň üsti bilen döredilýän mümkinçilikler üçin hormatly Prezidentimize we Milli Liderimize tüýs ýürekden çykýan hoşallyklaryny beýan etdiler.



### Döwrebap şertler, mähirli aladalar

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň bejeriş binasyna hem baryp gördi. Merkezde çagalaryň saglygyny dikeltmek boýunça ägirt uly işleriň alnyp barylýandygy hakynda habar berildi. Bu ýerde ýola goýlan lukmançylyk hyzmatlarynyň toplumlaýyn häsiýete eýedigi aýdyldy. Şoňa görä-de, nygtalyşy ýaly, saglygyny dikeldip, jemgyýete goşulýan çagalaryň, olaryň ene-atalarynyň munuň üçin hoşallygynyň çägi ýok. Merkeziň ýolbaşçysy we lukmanlar bu babatda öňde durýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda ähli tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

### Çagalara sowgatlar gowşuryldy

Soňra çagalar belent ruha beslenen goşgulary, aýdymlary we joşgunly tanslary ýerine ýetirdiler. Körpe nesilleriň şadyýan owazlary bu ýerde guralan dabaraly çäre bilen utgaşdy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bejergi alýan gyzjagazlara hormatly Prezidentimiziň adyndan Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk sowgatlary gowşuryldy. Şeýle hem merkezde bejergi alýan çagalaryň hemmesine Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Milli Liderimiziň adyndan dürli sowgatlar gowşuryldy. Munuň özi ýurdumyzda ýaş nesiller baradaky aladanyň döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýandygynyň nobatdaky güwäsine öwrüldi.

**NESIL**












# Duýguly DÜNÝÄ




## Ýürekdäki gutlaglar

*Her gezek baýramçylyk geler gabatlary bir zada üns bermän geçip bolmaýar. Olam adamlaryň kalbynda ýaşaýan şahyranalyk. Ýakymly sözleri ýa-da şygyr setirlerini ýazmak üçin iýmiti söýgi, urgusy ýagşylyklara beslenen ýüregiň bolmaklygam ýeterlik. Muňa haçan göz ýetirip bolýar? Haçan-da baýramçylyklarda birek-birege ugradylýan SMS hatlaryny okap çykanyňda. Gazetimiziň şu sanynda 8-nji mart — Halkara zenanlar güni mynasybetli ykjam el telefonlaryndan SMS arkaly ugradylýan şol gutlaglaryň käbirini size ýetirmegi makul bildik. Okap görüň! Belki, bu gutlaglaryň arasynda size iberilen ýa-da siziň iberen gutlaglaryňyzam bardyr.*

Eje jan, seni 8-nji mart baýramyň bilen gutlaýan! Düýn edebiýat mugallymymyz: «Iň gowy görýän baýramçylygyňyzy ýazyň» diýip, kiçijek kagyz paýlady. Men ullakan edip, «Ejeler güni» diýip ýazdym. Seni hemme kişiden gowy görýän, eje! Ýüzüňi gülküler, kalbyňy buýsanç duýgulary bezesin. Hemişe ýylgyr, baýramyň bilen!

* * *

Bahar ýaly owadan ýylgyryşlaryň bilen kalbymy, ynamyň, wepaň bilen dünýämi bezediň. Ömrümi sähra bägülleri kimin gözelleşdirdiň. Meniň her günüm — bahar. Meniň her günüm — seniň baýramyň. Dünýädäki iň gymmat sowgat mähirdir. Sen maňa mähir berdiň. Onuň gymmatyny hiç zat bilen deňeşdirip bilmerin. Ýöne gaşy edil gözleriň kimin owadan, halkasy kalbyň ýaly altyndan şu kiçijek ýüzügi kabul et. Baýramyň gutly bolsun, ezizim!

* * *

Seniň bilen bile menem täzeden dünýä indim, gyzym jan! Sen meniň dünýädäki ählije gymmatlygym, bahasyna ýetip bolmajak baýlygymsyň. Her gezek işden gelenimde ýylgyryp öňümden çykyp: «Kaka, geldiňmi?» diýmegiň özi meniň ähli ýadawlygymy el bilen aýrylan ýaly edýär. Meni seniň «kaka» diýen sözüň ýaşadýar, gyzym jan! Kakasynyň eziz gyzy, baýramyň gutly bolsun!

* * *

Dünýä, baýramyň gutly bolsun, joram! Biz hemişelik iň gowy joralar bolup galaly. Men mydama ähli syrymy saňa aýdýan. Senem maňa. Bir-birege düşünýän adamlar ýürekdeş bolýarlar. Senem meniň iň ýakyn ýürekdeşim. «Meňzeşje geýneli» diýip, düýn ejem bilen alnan köýnegimden saňa-da aldym. Men seni gowy görýän. Baýramyň gutly bolsun, joram!

* * *

Salam, ene! Eneler günüň gutly bolsun! Kakam: «Eneňi birinji bolup gutlasaň, begener» diýdi. Ertir okuwdan soň hem bizi ýanyňa äkidýär. Hökman bararyn. Menem saňa sowgat aldym, ene. Baýramyň gutly bolsun, enem jan! Gutlan iň gowy görýän agtygyň Aýhan.

* * *

Baýramyň gutly bolsun, jigim! Baran ojagyňda ýerläp, sag-amanja perzendiňi gujagyňa almak nesip etsin! Göwnüňe, niýetleriňe görä ömür sürüp, güller kimin daş-töweregiňe bagt, şatlyk paýlap gez. Gowy günleriň gujagynda ýaşa, jigim! Gözleriňden gözýaş gaýtsa, diňe bagtdan, ýüzüňe ýygyrt düşse, diňe gülküden bolsun. 8-nji mart baýramyň gutly bolsun, jigim jan! Janyň sag, ömrüň uzak bolsun!

* * *

Halkara zenanlar günüňiz gutly bolsun, Nabat mugallym! Asylly kesbiňizden kemal tapyp, abraý diýlen agyr ýüki gerdeniňize alyp, biziň ýaly nijeme ýaşlara görüm-görelde bolmak miýesser etsin. Işiňizde üstünlik, maşgala ojagyňyzda agzybirlik höküm sürsün! Hemişe bilim yşygy bolup daş-töwerege ýalkym saçyň. Özüňiz ýaly owadan kalbyňyzdaky ýagşy niýetleriňiz, diliňizdäki süýji sözleriňiz biziň hiç haçan ýadymyzdan çykmaz. Şu ýadygärlik surat hem biziň size kiçiräjik sowgadymyz. Surata seredip bizi däl-de, bizi ýatlap, surata seredersiňiz diýip umyt edýäs.

**Hormatlamak bilen, gadyrly okuwçylaryňyz.**

* * *

Eje, seni dünýädäki ähli ynsanlardan gowy görýän. Ýanymda hiç kim bolmasa-da, seniň boljagyňy, dogadilegleriň hemişe üstüme saýa salyp durjagyny bilýän. Baýramyň gutly bolsun, eje! Gulluk borjumyzy berjaý edip, öýe dolanmagymyza-da ýene az wagt galdy. Nesip bolsa, indiki baýramçylygyňy hökman bileje belläris. Esger ogluňy alada etmegin. Arkaýyn uklaň. Bärde-de ähli zat ýerbe-ýer. Ýene bir gezek baýramyň gutly bolsun, eje! Meni soranlara-da salam aýt, olary meniň adymdanam gutla! Sag oturyň!

NESIL




## Ene. Bahar. Dünýä

**(OÝLANMA)**

*Käbir duýgular bolýar: olary juda ýowuzlygy sebäpli kabul edip bilmeýärsiň. Emma wagtyň baky tebigylygy seniň isleg-küýsegiňe garamaýar. Öz kanuny, öz hasaby bilen ýöräp dur. Şeýle bolmalydyram, sebäbi adamlar milliardlarça, wagt bolsa ýalňyz. Şol hasaba görä, onuň yzynda ýykyla-tura, haýal-çalt, ädimläp-durup, garaz, elesläp barşyňa, birmahalky hasratly hasaplan duýgularyňa hakyda bilen hyýalyň arasynda orun berýärsiň. Aşa özdiýenlilik edip, ynsanlyk alamatlaryň galyba girjek-girjek bolanda, ol mukaddes duýgular kalbyňy dyrmalap, seni owalbaşky durkuňa dolap getirýär...*

Fewral aýaklary. Awtobusdan düşüp, ýanyňda bilen giň howluly umumyýaşaýyş jaýyna barýarsyň. Howa sowuk bolsa-da, lowurdap duran Gün insiz köçäniň aňry ýüzündäki üç gatly ýaşaýyş jaýlarynyň ýerzemininde ýerleşýän dükanlaryň talyplardan ýaňa hyň berýän çaklaňja mähellesine täsin görnüş berýär. Ol pursat haýsydyr bir suratkeşiň ýagty görnüşli durmuşy pursatlary suratlandyrýan, synlanyňda göwnüňi açýan nakgaşlyk eserini ýadyňa salýar. El telefonyňa jaň gelýär. Gysgajyk saglyk-amanlyk. Soňra şeýle sözler: «Rugsat alyp, gyssagly öýe gel!». Synlap gelýän janly, ýagty nakgaşlyk eseriňi ýürekgysdyryjy goýy reňkler hem-de düşnüksiz sudurlar kem-kemden örtüp başlan ýaly duýgy tutuş aňyňy gurşap alýar.

* * *

Okuw diýip alysda goýup gaýdan öýüňe ilkinji gezek şeýle çakylyk bilen ýola düşýärsiň. Sagyň daglyk, çepiňde obalyk, çöllük, ekinzarlyk gezekleşýär — ümmülmez giňişlik. Daga seretseň, gysyp-gowurýar, ýene giňişlik elhal. Gün çykyp dur, bölek-bölek ak bulutlar mawy asmanyň kä ýerinde ýazyň osmakçylary ýaly ýüzüp ýörler. Ýeňil maşyndaky senden beýleki üç ýolagçynyň hem sürüjiniň gülküli gyk-bagyna, magnitafonyň joşgunyna üns bermän, ak bulutlardan gözüňi aýyrmaýarsyň. Çünki ol bulutlardan saňa basym ýitirmeli ynsanyň — iň mähriban enäniň ýylgyryp oturan keşbi salgym bolup görünýär. Şol pursat her gezek eşideniňde-de gödegräk hasaplaýan «Ýol azaby — gör azaby» diýen sözleriň tüýs ýerine düşürilip aýdylandygy hyýalyňdan geçip gidýär.

* * *

Beýle-beýle bolar öýdüp hiç aňyňa getirmedik hakykatyňa özüňi öwrenişdirmek gaty kyn bolmaga çemeli. Akylyň ýetip dursa-da, iň mähriban ynsanyň bir ýerden çykaýjak ýa seslenäýjek, şeýdip, seniň hem daşyňy gallap oturan adamlaryň ynanjyny ýalana çykaraýjak ýaly... Şeýde-şeýde günler çalşyp dur. Uzakly gije ýagyş ýagýar. Ertesi irden şol günlerdäki bolşy ýaly, örän garjaşyk duýgy bilen oýanýarsyň. Birsalym gözleriňi ýumup ýatýarsyň. Dessine ýassygyň aşagyny sermeýärsiň. Eliňe alyp seredýärsiň: mähribanyň elýaglyklary! Ýalan däl. Oýnam däl. Diýmek, ýok-ýok... Ýok!

* * *

Daşaryk çykýarsyň. Jahan ýagtylyp gelýär. Şapak gündogara barýan ýuka bulutlary elwan reňke boýapdyr. Gijeki ýagyş oýtak ýerleri suwdan gyrmalapdyr. Ýalaňaç agaçlar süllümbaý ezilipdir. Howludaky ekin mellegine ýönelýärsiň hem haýran galýarsyň: ol ýerde erik gülläpdir! Hasrat gözellik bilen birleşýär! Ýowuzlyk näziklik bilen sazlaşýar! Bu görnüşler şol wagtky ahwalyň bilen bagly seniň ykbalyňda «Ene — Bahar — Dünýä» baglanyşygyny döredýär.

* * *

Bu ýylam joşgunly bahar geldi. Ir säher Güne salam berip, mellekdäki agaçlara nazar aýlanyňda, öňküsinden az-kem ulalan şol erigiň ýenede güllänine gözüň düşýär! Patrak ýaly ak güllere, olaryň tämiz ysyna bendiwan bolup, az-kem gussaly ýylgyranyňy hem ýatlamalaryň ýumagyny çözläp, çuňňur oýa batanyňy duýman galýarsyň. Çünki birmahal bu görnüşler arkaly seniň üçin hasrat gözellik bilen birleşipdi, ýowuzlyk näziklik bilen sazlaşypdy. Şeýdip, ýowuz hem hasratly hasaplan duýgularyň mukaddesleşipdi. «Mukaddeslik» diýen düşünje bolsa ýaşaýşa goýazylyk, bütin barlyga gymmatlyk, ýitgileriňe aýratyn gadyr çaýýar. Şoňa görä-de, ýylgyryp garaýan erik güllerinde didardan gaýyp bolan mähriban enäniň keşbini görýärsiň. Iň mähriban ynsan, hemişekisi ýaly, ýollaryň ak, niýet-amallaryň päk bolmagyny, maksatlaryň myrat tapmagyny dileg edýär.

* * *

*Ene — mähribanlyk.*
*Bahar — ýaşaýyş.*
*Dünýä — bakylyk.*
*Diýmek, mähribanlyk we mähribanlarymyz baky ýaşaýar!*

**Kakajan ÇARYÝAROW,**
**«Nesil».**

## GÜL ALYNÝAN GÜN

**(HEKAÝA)**

Bu gün 8-mart — Halkara zenanlar güni. Teke bazaryň deňinden ötüp barşyma, hümerlenişip nobata duran adamlara gözüm düşdi. Ä-hä! Ýa Biribar, ýene-de aşygym alçy gopdy-ow. Arzanlaşyk bar öýdýän. Öz-ä, näme satylýan hem bolsa, erkek kişilere gerekli zat bolmaly. Ýogsa munça adam edere iş tapman, nobata duran däldir-le bärde. Ädimlerime bat berdim-de, girdim ýaňkylaryň bir çetinden.

— Oglanlar, nobatyň soňy kimkä?

— Men, agam! — diýip, bir ýaş ýigit dillendi.

— Hä, sizdiňizmi, dost?! — diýdim-de, gülümsiredim. Gülümsiresemem gülümsiredim welin, «agam» diýlen söz gulagyma gaty bir hoşam ýakyp barmady. Ýogsa ýaşymyň agalyga ýetiberenliginem bilýän. Şonda-da kimiň garrasy gelýär? Derdiňi aýdyp bilmeýän adamyň bilen düşünişmek kyn bor oguşýa. Bu soragyma-da: «Hawa, hawa, men, agam!» diýip jogap gaýtaransoň, agalygymy boýun almakdan başga alaç galmady.



Haýsy harydy almak üçin nobata duranymy bilmän, öz ýanymdan göwün ýüwürtmäge durdum. «Bä, bu satylýan köwüşmikän-aý?! Köwşüme seretdim. Aý, bu köwşüm-ä bahajygyny ödäbilendir, özem entek-entek ýyrtyljaga-da meňzänok. Öwündigim bolmasyn welin, hemme zada

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

aýawly çemeleşýän häsiýetim bar-da. Edil duýgularym ýaly, eginbaşlarymy hem boldugyndan aýan bolup ýörün. Onda-da ýene birini alyp goýdugym bor-da. Ot-suw isläp duran zat däl-le» diýip, ädimme-ädim nobatyň yzyny basyp gelýän. Näme-de bolsa, öz-ä bir geçginlije, arzylyja haryt bolmaly. Ýogsa munça adam puluny aňsat-aňsat biderek sowurmaz! Eli açyklyk hasam erkek kişä gowy gelişýär. Haryda göwni ýetse, söwdalaşanda gaýt-goý hem diýmän, göterer gaýdyberer. Öz-ä şu uly nobat bilen bazar gurap oturan söwdagäriň, çigit satýanam bolsa, bagty geldi bu gün.

Nobata duranyňda şeýdip birsalym özüňi arzuw-hyýallara örkläýmeseň, ýeter ýerde ýetmänjik geçäýýäň. Nobatyň soňunyň özüdigini: «Men, agam!» diýip, iki sözde jemlän, şol iki söz bilen hem dem salymda täze agaly bolan ýigidem söwdany urdy-da, derwezä tarap ýelk ýasady. Gezek özüme ýetende, satyjy daýzanyň: «Gyzylyndan beräýinmi, jigi?» diýen sowalyna haraý isläp, yzyma gaňryldym. Hatar bolup duran ýigitleriň: «Bu nähili geleňsiz ýigit eken, şunça wagt nobata durubam, gül alman gitdi» diýmeklerinden ätiýaç edibem, syrymy gözlerimde gizledim. Ýogsa men bu nobata gül alaryn diýip durmandym. «Gowusyndan ber! Solmaýanyndan, ysy gitmeýäninden ber, puluň gürrüňi ýok» diýdim-de, çöwürdim gapjygymy.

Şeýdip, gül satýan daýzany begendirip, bazardan saýlandym. Köçeleriň adamsyzrak ýerinden tutdurdym-da gidiberdim. Eý-ho, eliň gülli ýolda ýöräniňden-ä daga dyrmaşanyňam aňsat bolsa gerek. Göwnüme, hemmeler maňa seredýän ýaly. Edil şu mahal öňümden dili duzly işdeşim Daňňy çykyp: «Ýeri-ow, gül alyp, nirä şaýlanar bolduň?» diýip, üstümden gülse-de, geň görjek däl. Aý, nobatyň ýetende nobata durarsyňda dagam. Edil meniňki ýaly saý-sebäp bilen bolmasa-da, olam birmahallar şular ýaly nobata durandyr-la.

Zyýany ýok, gülse gülübersin. Wakanyň esasy ýeri indi başlanýar. Ýogsa-da, şeýdip azap edilip alnan güllere arañyzdan, heý, eýe çykjagyňyz ýokmy? Men indi bulary kime bersemkäm?

**Tirkişmyrat NURÝAGDYÝEW,**
**«Nesil».**

TALYBYŇ ÝANDEPDERÇESINDEN

## MART GELER WELIN...

■ Mart kän zady üýtgeder. Tebigatdan başlap, ähli zada özgeriş bermek — onuň wezipesi. Megerem, fewral şonuň üçin gyssanmaçdyr.

■ Günler umyt bilen aýlanyp, ýene bahar geldi. Ýaz dünýä bilen bilelikde ynsanlaryň kalbyna hem ýylylyk paýlady.

■ Martda duýgular täzelenýär. Ol duýgulary diňe bir gezekki ýazda däl, her ýazda täzeden başdan geçirýäň.

■ Mart her gezek bosagamyzdan mähriban zenanlaryň baýramy bilen girýär.

■ Şeýle bir adamlar bar, gören wagtyň haýran galýarsyň. Olar ýaz ýaly ýyly, mähribandyr. Her aýdan sözleri bolsa ýüregiňe dünýä ýaly giňligi eçiler.

■ Mart maksatlary birikdirýär. Sebäbi tebigat bilen ynsanyň arasynda ruhy birlik bar.

■ Bu ýazda seniň üçin heniz döretmedik eserimi döredérin. Çünki mukaddes söz hiç wagt könelmejek, owadan güller ýaly wagty gelende solmajak, elmydama saňa meni ýatlatjak, ýalňyz galanyňda ýoldaş boljak iň gowy sowgat bolar.

■ Hä diýmän güwläp-güwläp ýagyş ýagar. Süýji suwuny holtumyna gysan bulutlar ýene gök ýüzünde iki ýana at salar. Ýaz güler, gül güler, älemgoşar güler, sen gülersiň...

■ Gijeleriň gözelligine akylyň haýran galar. Ýyldyzlar tümlügi hem gündize öwräýjek bolup ýagty saçarlar. Şeýdibem, ýazyň ýakymly howasyndan hemmeler ylham alar.

**Gülnar GELDIMYRADOWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň talyby,**
**«Nesil».**



ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
BAŞ REDAKTOR ARTYKGULY HOJABERDIÝEW

NESIL
E-mail: nesil-gazeti@sanly.tm

TELEFONLAR: JOGAPKÄR KÄTIP – 39-96-49. KABULHANA – 38-61-57, 38-61-86 (FAKS), BÖLÜMLER: 39-95-26, 39-96-35, 39-96-36, 39-96-37.
BIZIŇ SALGYMYZ: 744604, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, TÜRKMENBAŞYNYŇ ERKIN DÖREDIJILIK MEKANY. «Nesil» gazetiniň redaksiýasy. Belgisi 69454.
GAZETIŇ DÖREDILEN SENESI: 02.01.1992 ý. Gazet sişenbe hem şenbe günleri çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Nusgasy 12.000. A – 115888. Möçberi 4 sahypa. Bahasy 30 teňňe. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy.
Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Olaryň telefony – 39-95-36.
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.
4 833001 500059

